# Ýaşa…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýaşa… ÝAŞA…

(Işdeşime)

Günleriñ ahmyry gözüñde eräp,
Goýsa goýsun ýüregiñde yz indi.
Ähli gowulyklar kalbyñda dörär,
Bagtam gezer päk göwünliň yzynda.

Ýaşaýarkaň, bagtsyz bolunarmy, heý,
Gaýta şat günlere ýaran bol özüñ.
Durmuş gözel bolsun gulakhalkañ deý,
Gülki, şatlyk… senden sowmasyn ýüzün.

Ýaýna, dost-joralañ bilen gülüşip,
Geçme şatlyk-şagalañyñ deñinden.
Bagtdyr, çagalaryñ «eje-e» boluşyp,
Işden geleniñde, çyksa öñüñden.

Şat bol, ozalynda şeýledir gurluş,
Gaýgy-gussa göwün berýänem kändir.
Seni örtäp ýören oýunçyl durmuş
Janyñy ýakanña degýänem däldir.

Ýaşa mydam bu durmuşyñ ýazynda,
Bitsin mydam elleriňe gül seniň!
Söýgi asla örtemesin yzynda,
Goý, yzyñdan galmasynam ol seniñ.

Kalbyñ ýagşy arzuw-umytdan doly,
Gözleriñden ýagty geljek görünýä.
Söýgüli şahyryñ aýdyşy ýaly,
«Ýaşa, ýaşanyña degýär bu dünýä».

Goçmyrat ORAZBERDIÝEW. Goşgular